# Mende başga, sende başga…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Mende başga, sende başga… MENDE BAŞGA, SENDE BAŞGA…

Geçip gitdi baky bahar göçgüni
Kalbym indi müdümilik gyş güni
Gussa gurşanynda ömrüň hoş güni
Mende başga, sende başga ýar bolar…

Arzuwlarmyň ganatyndan ýaralap,
Düňle ýörün, sessiz göwräm yralap
Päk duýguly yşk depderin garalap,
Mende başga, sende başga ýar bolar…

Bal arydym, emma ýokdy neşderim
Ýeke güldi – görenim hem eşdenim
Ýeňenimde ýalňyzlygyň leşgerin
Mende başga, sende başga ýar bolar…

Ömür budur!
Gezip bolmazam söýmän
Mende öýmeli bor, sende-de öýmäň
…Şeýdip bile, sataşarys bir «söýgä»,
Mende başga, sende başga ýar bolar…

Ylham GURBANALYÝEW.

2022.10 Goşgular